# KÄR HÄSIÝETNAMASY

**Hünär:** 4.35.05.01 Weterinar lukmançylygy
**Kär:** weterinar lukmany

Şu kär häsiýetnamasy Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Weterinar lukmançylygy hünäri boýunça taýýarlanylýan weterinar lukmanlaryň wezipelerini hem-de olaryň hünärine bildirilýän esasy talaplary kesgitleýär.

Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlamagyň meýilnamasyny işläp düzmek, taýýarlanylmaly hünärmenleriň sanyny çaklamak, olaryň düzümini delillendirmek, ýokary okuw mekdebinde okuw-terbiýeçilik işlerini guramak, okuwyny tamamlan uçurymlaryň işlemeli ýerlerine ugradylyşyny, işe ýerleşdirilişini üpjün etmek we olaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň hünärlerine laýyklygyny seljermek üçin ulanylmalydyr.

## Hünärmeniň wezipesi

Hünärmen oba hojalyk önümçiligini dolandyrmak işini ýokary okuw mekdebinde alan bilim derejesine laýyklykda amala aşyrmak üçin taýýarlanylýar. Weterinar lukmançylygy hünäri boýunça hünärmen hünär işiniň aşakdaky wezipeleriniň çözgüdine taýýar bolmalydyr: haýwanlaryň anatomiki gurluşyny we fiziologiýasyny bilmäge we kesel sebäpli ölen malyň maslygyny ýa-da diri maly kesip açyp görmäge; farmakologiýanyň esaslaryny hem-de resepturany bilmäge, medikamentoz gurallary, enjamlary, biopreparatlary peýdalanmaga; dermanlary taýýarlamagyň düzgünlerini, yzygiderligini bilmäge we bedene dürli usullarda goýbermäge; haýwanlaryň kesellerini anyklamaga, bejermäge we öňüni almaga; hirurgiki gurallaryň we materiallaryň, operasion meýdançanyň we hirurgyň ellerini arassalamagy, haýwanlary berkitmekligi we operasiýalaryň geçiriliş tehnikasyny bilmäge, keselli haýwanlara operasiýadan soň ideg etmäge; ýokanç keselleriň ýaýraýşyny, keselleriň ýaýraýyş ýollaryny, kesel döredijileriň biologiki aýratynlyklaryny, anyklanylyşyny, bejergi we öňüni alyş çärelerini geçirmäge; haýwanlary emeli tohumlandyrmagyň tehnikasyny bilmäge, haýwanlara akuşer kömegini bermäge; malyň läşinde we içki agzalarynda weterinar-sanitar ekspertizasyny geçirmäge, weterinar kanunçylygynda edilýän talaplary bilmäge; mallardan önýän önümleriň özüne düşýän gymmatyny peseltmek arkaly oba hojalyk önümçiliginiň ykdysady netijeliligini artdyrmaga; weterinar işini guramaga.

Hünärmen Döwlet weterinariýa gulluklarynda, maldarçylyk hojalyklarynda, daýhan birleşiklerinde we beýleki oba hojalyk edaralarynda, ylmy-barlag edaralarynda öz hünäri boýunça ýokary bilimli hünärmenlere niýetlenen wezipeleri eýeläp biler.

## Hünärmene bildirilýän umumy talaplar

Hünärmen ýokary hünär taýýarlykly, medeniýetli we salyhatly, halkyň bähbidini arap bilýän, Watanymyza, halkymyza, Hormatly Prezidentimize wepaly, häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň talaplaryna, Türkmenistanyň Prezidentiniň syýasatlaryna dogry düşünýän we olary gyşarnyksyz durmuşa geçirip bilýän hünärmen bolmalydyr.

Hünärmen köpçülige ýolbaşçylyk etmegi, öz işgärlerini agzybirlik, maksada okgunlylyk ruhunda terbiýelemegi, nazary bilimini we tejribelik endiklerini yzygiderli hem-de üznüksiz kämilleşdirmegi, öz taýýarlyk ugry boýunça toplan ylmy maglumatlaryna düşünip, olary işinde ulanmagy, zähmeti ylmy nukdaýnazarda guramagy başarmalydyr.

Hünärmen ýokary okuw mekdebinde alan bilimini, ylmyny we tejribe taýdan taýýarlygyny yzygiderli ösdürip, kärini kämil bilmelidir, syýasy-jemgyýetçilik pikirini çuňlaşdyrmak bilen zähmeti ylmy taýdan guramak ýörelgesini önümçilikde ulanmagy başarmalydyr, işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegiň häzirki zaman usullaryna, şeýle hem işgärleriň arasynda syýasy-terbiýeçilik işlerini alyp barmagyň tärlerine eýe bolmalydyr.

## Hünärmen şu aşakdakylary bilmelidir:

- weterinar lukmançylyk işini;
- weterinar-sanitar gözegçilik işini;
- weterinar farmasiýa işini;
- ekspert-gözegçilik işini;
- guramaçylyk-dolandyryş işini;
- önümçilik-tehnologiki işleri;
- ylmy-barlag işleri.

## Hünärmen şu aşakdakylary başarmalydyr:

- nazary we amaly meseleleri çözmekde ylmy-nazary bilimlerini peýdalanmagy;
- ulgamlaýyn we deňeşdirme seljermegi;
- derňew endiklerini bilmegi;
- özbaşdak işlemegi;
- täze pikirleri döretmegi;
- meseleleri çözmekde dersara çemeleşmelere eýe bolmagy;
- maglumatlary dolandyryş, kompýuter bilen işlemek, tehniki enjamlardan baş

çykarmak bilen baglanyşykly endiklere eýe bolmagy;

- dil we hat kommunikasiýalaryň ukyplaryna eýe bolmagy;
- dowamly okap, öz başarnyklaryny ýokarlandyrmagy;
- tebigy-ylmy dersleriň esasy kanunlaryny öz kär işinde ulanmagy;
- kompýuter tehnikasyny ulanmak bilen maglumat almagyň, ony saklamagyň, gaýtadan işläp bejermegiň esasy usullaryna we serişdelerine eýe bolmagy;
- önümçilik işgärlerini we ilaty tebigy betbagtçylyklaryň hem-de adatdan daşary ýagdaýlaryň mümkin bolan netijelerinden goramagyň esasy usullaryny amala aşyrmagy;
- ykdysady nazaryýetiň esasy düzgünlerinden baş çykaryp bilmegi, olary bazar ykdysadyýetini hasaba almak bilen ulanmagy;
- raýatlyk häsiýetine eýe bolmagy;
- sosial ylalaşyga ukyply bolmagy;
- şahslar bilen özara aragatnaşygy ýola goýup bilmegi;
- saglygy goraýyş ukybyna eýe bolmagy;
- tankyda we öz-özüňe tankyda ukyply bolmagy;
- medeni gymmatlyklardan we ýörelgelerden ýerlikli peýdalanmagy;
- mallaryň dürli etiologiýaly keselleriniň öňüni almagy, anyklamagy we bejermegi;
- keselleri anyklamak we bejergi üçin niýetlenen täze weterinar enjamlary ulanmagy;
- keselleri anyklamagyň instrumental we tejribehana usullaryny peýdalanmagy.
- weterinar kadalary we düzgünleri geçirmegi;
- weterinar-sanitar gözegçiligini guramagy we geçirmegi;
- dermanlary saklamagy, olaryň hilini kesgitlemegi, ulanyşa goýbermegi we olary ýok etmekligi;
- dermanlary standartlaşdyrmagy we sertifikatlaşdyrmagy;
- dermanlary taýýarlamagy;
- weterinar ekspertiza işini guramagy we geçirmegi;
- tehnologiki hadysalara gözegçilik etmegi;
- mal jaýlarynyň weterinar-sanitar ýagdaýyna baha bermegi;
- mal we ösümlik çig mallaryny gaýtadan işlemek boýunça tehnologiki operasiýalary geçirmegi;
- weterinar lukmançylyk we weterinar ekspertiza işlerini amala aşyrýan işgärler toparyna ýolbaşçylyk etmegi;
- ýokanç, inwazion we beýleki keselleriň döremeginiň we ýaýramagynyň, daşky gurşawyň biologiki hapalanmagynyň öňüni almak boýunça işleri gurnamagy we geçirmegi;
- weterinar çäreleriň ykdysady netijeliligini bahalandyrmagy;

- döwlet weterinariýa gullugynyň ykdysady ösüşini bahalandyrmagy we çaklamagy;
- weterinar resminamalaryny alyp barmagy we weterinar işlerini guramagy;
- önümçilik-tehnologiki işleri geçirmegi;
- önümçilikde tehnologiki hadysalar, mal önümlerini gaýtadan işlemek, saklamak, daşamak we satuwa çykarmak boýunça barlaglary guramagy;
- mal önümlerini taýýarlamak, saklamak, hilini gowulandyrmak boýunça täze usullary önümçilige ornaşdyrmagy;
- ylmy barlaglaryň usulyýetini işläp taýýarlamagy;
- weterinariýada we maldarçylykda innowasion tehnologiýalary önümçilige işläp taýýarlamagy we ornaşdyrmagy;
- ylmy barlaglar boýunça maglumatlary seljermegi we gysganamalary ýazmagy;
- weterinariýa boýunça ylmy işleri alyp barmagy, ylmy işleriň meýilnamalaryny we maksatnamalaryny düzmegi we jemi boýunça çykyş etmegi.

Kär häsiýetnamasynyň ähli şertlerini şu hünär boýunça hünärmenleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdebi hem-de dolandyryjy guramalar gyşarnyksyz ýerine ýetirmelidir. Kär häsiýetnamasy hünärmenleri taýýarlaýan bilim edaralarynyň, hünärmeniň hünär derejesini ýokarlandyrýan edaralaryň okuw meýilnamasyny düzmekde esasnama we iş ýazgysy bolup hyzmat etmelidir.

Kär häsiýetnamasyna ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna esaslanan üýtgetmeler we goşmaçalar diňe Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylalaşmagy esasynda girizilip bilner.